# Kastronyñ gyzy

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kastronyñ gyzy KASTRONYÑ GYZY




1997-nji ýylda Kuba gitdim. Atatürküñ Gawanadaky býustyny diken toparyñ düzümindedim. Sowet Soýuzynyñ dargamagyndan soñ Kubada ykdysady krizis bardy. Amerikan embargosy astyndaky ýurtda, meselem, ýangyç ýetmezçiligi bardy we şonuñ üçinem daýhanlar ýeri künde bilen sürýärdi!). (Iki ýyldan soñ Hugo Çawes Wenesuelada häkimiýet başynda geldi we kuba ykdysadyýeti düzelmäge başlady).




*Atatürküñ Gawanadaky býusty* Gawananyñ köçelerinde aýlanyp

ýörkäm oglan-gyz çagajyklaryñ woleýbol oýnap ýörendikleri ünsümi çekipdi. Şol kynçylykly ýyllarda Kubada zenanlaryñ woleýbol boýunça milli ýygyndy toparynyñ şemaly öwüsýärdi. Olar 1996-njy ýylyñ Atlanta Olimpiýa oýunlarynda altyn medala mynasyp bolupdylar. Şeýle-de, 1992-nji ýylyñ Barselona, 2000-nji ýylyñ Sidneý Olimpiýa oýunlarynda altyn medala mynasyp boldular. 1989-njy, 1991-nji, 1995-nji, 1999-njy ýyllarda-da Dünýä kubogyny aldylar… Köçede top oýnap ýören gyzlar şu üstünliklere ýetdimikä diýip pikir etmäñ.




* * * 1959-njy ýylda Kuba rewolýusiýasynyñ serdary Fidel Kastro şeýle diýdi: – Ýurdumyzda sport baýlaryñ däl-de, halkyñ hak-hukugy bolar. MRU-nyñ goldawyndaky Doñuzlar aýlagyndaky

okkupasiýanyñ masgaralaýjy ýeñliş bilen soñlanan 1961-nji ýylda Kubada Sport, Bedenterbiýe we Rekreasiýa instituty (INDER) guruldy. Sport merkezli syýasat köpçülikleýin häsiýete eýe boldy: munuñ özi tutuş halkyñ peýdaly maşklara gatnaşmalydygyny añladýardy. Mysal üçin: Kuba jemgyýetinde sport we bedenterbiýe çaga heniz 45 günlük bäbejikkä başlaýar. Enelere çaganyñ synasynyñ işlemegi we ony sagdyn saklamak üçin bogunlaryna massaž etmek öwredildi. Çagalara fiziki oýunlary oýnamak maslahat berildi.




Kubadaky başlangyç we orta bilim berýän mekdeplerde bedenterbiýe sapagy girizildi. Sportyñ bäş görnüşi – atletika, basketbol, beýsbol, gimnastika, woleýbol öwredilýärdi.

Kubadaky mekdepler 1963-nji ýylda döredilen Ýaşlaryň Olimpiada maksatnamasyna gatnaşýar. Orta bilim berýän mekdepleriň köpüsi diňe toparlarynyň bolan sport ugurlarynda ýaryşýar. Sportyň belli bir ugrunda tapawutlanan okuwçylar Ýaşlaryň tomusky olimpiýa oýunlaryna gatnaşýar. Bu ýerde hünärmenler çagalaryň ukyp-başarnyklaryny görüp-synlap, olary öz tapawutlanýan sport ugurlaryna niýetlenen mekdeplere saýlap alýarlar. Meselem: çagalar ýurduň Ýaşlyk adasyndaky ýatymlaýyn sport mekdebinde (Osmanly sport tekgeleri ýaly) okap, sport bilen meşgullanýar. Çagalar her ýekşenbede gaýyk bilen ýüzüp ada barýar we her anna güni dolanyp gelýär… Mahlasy:




* * * Global mediýanyň (esasanam biziň habar beriş

serişdelerimiziñ) Kuba bolan ýigrenji kiparlajaga meñzänok. Bular hökümetiñ sportsmenlere daşary ýurda gitmezligi üçin basyş edilýändigini ýazýar. Ýogsam bolmasa: Kuba sportunda professionallyk ýok. Ýagny, sport bilen meşgullanmak mugt!.. Sportsmenleriñ daşary ýurda gitmegine-de hiç hili päsgelçilik ýok. Häzir dünýäniñ elli bäş ýurdunda kubaly tälimçiler we sportsmenler çykyş edýär. Bärde Kuba diñe ýetişdirende eden işleri üçin sportsmenleriñ transferlerinden uly paý alýar. Özem alan puluny ýene ertiriñ ýyldyz sportsmenlerini ýetişdirmek üçin edilýän işlere sarp edýär. Döwlete pul beresi gelmeýän kubaly käbir sportsmenler baran ýurtlaryndan «gaçybatalga» alýar. Ýagny, bar mesele pulda! Şeýle mysal bereýin: kubaly zenan woleýbolçylar dünýä çempiony ýa-da Olimpiýa oýunlarynyñ ýeñijisi bolanlarynda bary-ýogy 300 dollar sylag alýar!




Mýunhende, Montrealda, Moskwada geçirilen olimpiýa oýunlarynda altyn medala mynasyp bolan boksýor T.Stewenson Günbatardan gelen transfer tekliplerinden nämüçin ýüz öwrendigini şeýle düşündirdi: – Meni söýýän sekiz million adamyň ýanynda bir million dollar nämedir? Ýagny: Kubanyň woleýbol boýunça zenanlar milli ýygyndy toparynyň şemalynyň öwüsýän döwründe dünýä inen we türk raýatlygyna geçen Melissa Wargasyň adynyň agzalýan ýerinde Kubany garalaýan matlaplaýyn propogandalara şu göz bilenem seredip görüň… Soner ÝALÇYN. «SÖZCÜ» gazeti, 07.09.2023. Sport we turizm